# Deň-duşlarym, kärdeşlerim: Ikiýüzli

Category: Kitapcy,Psihologiýa,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Deň-duşlarym, kärdeşlerim: Ikiýüzli IKIÝÜZLI



Birinji maý bilen Gogol köçesiniň çatrygynda Türkmenistanyň halk hudožnigi Aman Amangeldiýewe sataşdym. Ol ajy ýylgyryp: “Araky gürrüňi kimdir biri ýokaryk ýetiripdir, prezident köşgüniň ýanyndan geçip barýarkam, şonda işleýän bir oglan maňa: “Tirkişe gowy otpor beripsiň” diýdi. Menem: “Men altmyşdan geçen adam, bu gürrüňlere meni sokmaň” diýdim” diýdi. Men: “Bir oglan diýýäniň kim?” diýdim. Aman aýtmajak bolup, gaçalak etdi. Aýtmajagyna gözüm ýetdi, özüm medeniýet bölüminde işleýän Öwezdurdy Nepesowyň adyny tutup, şolmy diýdim. Aman: “Men adyny bilemok, uzyn boýly, maňlaýynyň saçy düşüp ugran, ak ýüzli adam” diýdi. Amanyň aljyraňňylygy göwnüme iňkis saldy: ol ýalan sözleýän bolmasyn?

Men öýe gelşime Öwezdurdy Nepesowa til etdim. Ol Aman Amangeldiýew bilen duşuşanyny boýun aldy, ýöne Amanyň aýdyşy ýaly köçede gabatlaşmandyrlar, ýörite edara çagyrypdyrlar. “Bize ýokardan: Tirkiş Jumageldiýew hudožnikleriň ussahanasyna baryp, olara Nyýazowyň portretini çekmäň diýip wagyz edýär diýen informasiýa gowuşdy diýdiler, Aman Amangeldiýew bilen gürleşip görüň diýdiler. Gürleşdim. Şeýle wagyz edýän bolsa, Tirkişe dogry gaýtawul beripsiň diýdim” diýip, maňa Öwezdurdy Nepesow telefonda aýtdy. Nepesow ministrler kabinetinde medeniýet uguryny alyp barýan emeldar. Nyýazowdan “Türkmenistanyň halk ýazyjysy” diýen ady almagy başaran kişi.
Men bir ýagdaýa geň galdym. Meniň hudožnikleriň ýanyna baryp wagyz edýänimi näme üçin Aman Amangeldiden sorap anyklamaly? Ol hiç bir wezipe eýeleýän adam däl. Men Nepesowa: “Näme üçin Aman Amangeldini çagyraňyzda Tirkiş Jumageldinem bile çagyrmadyňyz, bizi ýüzleşdirmeli ekeniňiz-dä?!” diýdim. Aman Amangeldiýew maňa nähili gaýtawul berenmiş? Men muny telefonda Nepesowa bolşy ýaly aýtdym. Iki aý töweregi mundan ozal men iki hudožnik bilen Çeperçilik fondunyň gapysyna ýetenimizde jaýyň öňünde Amangeldiýew duran ekeni. Bizi görenden zeýrenip, jibrinip başlady: bu ýurtda ýaşar ýaly bolmady, bogup barýarlar, ýüregiňdäkini diýdirenoklar, sungatyň üstüne tüýkürdiler, prezidentiň portretinden başga zada seredilenok!.. Men oňa «ikiýüzlülik etme» diýdim. «Iki ýyl ozal prezident seni ýany bilen Kuweýte alyp gidende, saňa “halk hudožnigi” diýip at berende, ýurtda ähli zat gül ýaly diýip çykyş edýärdiň, bu gün sähelçe ýatdan çykaranlarynda ol gowy zatlar birden erbet bolaýdymy» diýdim. Ýekimde ýigrenýänim ikigepli adamlar.
Meniň aýdanlaryma Amangeldiýewiň gahary geldi. Jibrindi: “Men ýüregimdäkini aýtjak welin, hiç ýerde çykaranoklar!” diýdi. Menem: “Beýle ýüregiň ýarylyp barýan bolsa, il ýaly “Azatlyk” radiosynda çykyş edäý, näme etjek beýdip jibrinip ýörüp” diýdim-de gidiberdim. Aman yzymdan hüňürdäp bir zatlar diýdi. Megerem, dogry eşiden bolsam: “Meni galmagala iterjek bolýarmyň?” diýdi. Ine, Amangeldiýewiň maňa beren gaýtawuly şundan ybarat. Şunuň üçin Nepesowdan hoşallyk sözüni eşidipdir. Nepesow meni diňlese-de hiç zat diýmedi.



Eger şular ýaly şugullar zerarly meni sud edäýseler, Aman Amangeldiýew ýalylaryň şaýat durjaklaryna, islendik töhmetden gaýtmajaklaryna şübhe edemok. Özi hem maňa: “meni bu gürrüňlere goşmaň diýdim” diýen bolýar. Gürrüňi başlan özi, belki, meni gepletjek bolandyr, bu prowokatorlaryň edähedi.
Mende prezidentiň portretini çekýän adamlara ýigrenç ýok, her kim öz ynanjyna görä ýaşaýar. Belki, ol gazanç üçin, çagajyklaryny eklemek üçin çekýändir? Men ikiýüzlüleri ýigrenýän. Bu gün gara bähbitlerini arap, prezidenti hudaý

derejesine göterjekler, bähbit bolmadyk mahaly bolsa, bahana tapjaklar, bizi zorluk bilen etdirdiler diýjekler. Dogrusyny aýtsak, bu tetelli adamlar juda kän. Olar özboluşly sürini emele getirýärler. Olar özlerini intelligensiýa diýip atlandyrýarlar. Şolar ýaly intelligentlerden hudaýyň özi daş edewersin!
Soňra Aman Amangeldiýewiň öýüne jaň etdim, ony täze roly bilen gutladym. Eger ertir bardy-geldi meni sud edäýseler, sen meniň ýüzüme durmalysyň, şony bilip goý diýdim. Eger ol şu wezipäni hem üstünlik bilen amal edip bilse, has uly baýraga mynasyp bolaýmagy-da ähtimaldyr. Çagalar öýüniň psihologiýasyny süňňüne siňdirip ösen adam peşgeş hökmünde berlen baýragyň halallygyna-haramlygyna garap, seljerip durmasa gerek. Halaly-haramy maşgala ojagynyň ýylysynda önüp-ösen adamlar seljerip bilýär. Men bu hakykaty aýdyp, ýetim bolandygy üçin Aman Amangeldiýewi kemsitjek bolamok, durmuşyň ýowuz düzgünini nygtaýaryn.
16-njy ýanwar, 1995-ji ýyl.

Tirkiş JUMAGELDI. Ýatlamalar